# Ýylyň öňdebaryjy mugallymlary sylaglandy

2024-nji ýylyň 22-nji iýunda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde «Ýylyň mugallymy» Döwlet bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi.

Ýeri gelende ýatlasak, 27-28-nji maýda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň arasynda «Ýylyň mugallymy» Döwlet bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirilipdi. Bäsleşik Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň bilim ulgamynda amala aşyrýan özgertmelerini durmuşa geçirmäge saldamly goşandyny goşýan, ata Watana wepaly, syýasy taýdan düşünjeli, bilim we hünär taýdan kämil, baý iş tejribesini toplan ussat mugallymlary ýüze çykarmak, olary höweslendirmek hem-de iş tejribesini ýaýratmak maksady bilen guraldy.

Bäsleşikde baş baýraga mynasyp bolan Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň menejment kafedrasynyň uly mugallymy Gunça Seýilbaýewa «Ýylyň mugallymy» diýip yglan edildi we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Diplomy bilen sylaglandy.

- Birinji orna mynasyp bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili kafedrasynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Amangül Esenmädowa Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň I derejeli Diplomy bilen sylaglandy;
- Ikinji orna mynasyp bolan Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň Fizika we ony okatmagyň usulyýeti kafedrasynyň uly mugallymy Göwher Şukurowa hem-de Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Diller kafedrasynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Oguljennet Jumalyýewa Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň II derejeli Diplomy bilen sylaglandy;
- Üçünji orna mynasyp bolan Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň demir ýol ulagynyň hereket edýän düzümi kafedrasynyň dosenti, tehniki ylymlaryň kandidaty Jumagylyç Mämmedow, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň maglumat tehnologiýalary kafedrasynyň uly mugallymy Jumamuhammet Abdyýew, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Jenaýat-hukuk dersleri kafedrasynyň uly mugallymy Döwran Karajaýew hem-de Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň roman-german dilleri kafedrasynyň uly mugallymy Tawus Atdaýewa (höweslendiriji) Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň III derejeli Diplomy bilen sylaglandy.

«Ýylyň mugallymy» Döwlet bäsleşigi ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň hünär derejelerini synamakda ähmiýetli çäreleriň birine öwrüldi.

Все права защищены